# Düýş

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Düýş

DÜÝŞ

Eşit, mähribanym, ýorup ber düýşüm! –
Yşkyň ahwallary aklym çaşyrmyş.
Aýam alyslardan saçýarmyş öwşün,
Şygyr aýdýan dillerimem lal-jimmiş.

Yşkdan bagym barmyş, şypa-seleňli,
Ynamlam tirsekläp ýatyrmyş onda.
Arzuwlarym dagmyş gaýa-kemerli.
Ne galam, ne kagyz hiç zat ýok golda.

Birden men ýeňiji, birdenem ýeňlen,
Hakyt öz-özüme bolýanmyş emin.
Bir-ä käýelýän men, bir görsem öwlen,
Käte uç-gyraksyz, käte dar zemin.

Bilemok islegim, näme geregim,
Maňa manysyzlyk bermeýärmiş dem.
Şonda bir zat küýseýärmiş ýüregim,
Oňa jogap bolup, gelýämişiň sen.

Mähriň duýup, bildim kalbyň doňanyn,
Ýaşaýşyň ysydy, atyryň-müşküň.
Sen  jogaby bolduň ähli sowalyň,
Birden joşup gitdi kalp doly yşkym.

Sebäp meň öňümde nurly bagt durdy,
Jady gözler meni çökerdi dyza.
(Pelek müň oýunnyň birini gurdy.)
Ne mähir duýýaryn, ne duýýan yza.

Söýgimiň öňünde dyzym epenim,

Gorkymdyr – takdyryň bolmagyndan keç.
…Saňa duşan günüm uklan ekenim,
Seni ýitiremde oýandym elhenç.

Azymberdi KAKAÝEW.

Goşgular